# Annasoltan Kekilowa hakda

Category: Edebi makalalar,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Annasoltan Kekilowa hakda ANNASOLTAN KEKILOWA HAKDA

Totalitar rejim tarapyndan zalymlarça öldürilen ýaş gelin, zehinli türkmen şahyrasy Annasoltan Kekilowa Seýit gyzy ajy ykbaly entek-entek, köp wagtlap biziñ ýüregimizi awatsa gerek. Türkmen şygryýetiniñ saýrak bilbili 15 ýyllap kast bilen dälihana tussaglygynda saklanan, ejiz bedeni otly gyzgyn sanjymlar (ukol) bilen persala edilen görgüli ahyr soñunda Köşi obasynyñ »Orazguly işan» gonamçylygynda karar tapypdy.
Annasoltan Kekilowa 1942-nji ýylda Köpetdagy etekläp oturan Köşi obasynda eneden dogulýar. Onuñ ejesiniñ ady Ogulgerek, kakasy bolsa Seýit, ol Şaly we Aman Kekilowanyñ iñ uly dogany. Ejesi ýaşajyk Annasoltany »Daglar başy» diýip söýgüläp seslenerdi.
Annasoltan Kekilowa köp kynçylyklar bilen Türkmen Döwlet Uniwesitetiniñ Türkmen filologiýasy fakultetine okuwa girýär. Emma oña bu ýerde »arkaýyn» okamak miýesser etmeýär. Ony dürli sebäpler bilen okuwdan çykпrýarlar. Soñra her niçik hem bolsa ony gaýtadan okuwa alýarlar. Annasoltan diplomyny alanyndan soñ iki ýyllap mugallymçylyk edýär. Şol ýyllarda hem onuñ radioda okan käbir »Syýasy taýdan yrga» goşgulary üçin »ýokaryk» çagyrýarlar. Ol 1971-nji ýyllarda »Mydam taýýar» gazetinde işläp ýörkä hem dürli sebäpler» bilen arzasyny berip işden gitmeli bolýar.
Annasoltan 19 ýaşynda durmuşп çykýar.
1962-nji ýylda, ýagny 20 ýaşynda bir ogly bolýar oña Ýagmyr diýip at dakýar.[1][2]
Berilýän şeýle gysyşlar oña Türkmenistanda ýaşamak gaty dar hem agyr düşýär. Ol bir gezek Moskwada Britaniýanyñ ilçihanasyna baryp, özüne Angliýada ýaşamaga rugsat bermekleri barada arza berýär. Hut şol günden beýlägem ol KGB tarapyndan yzarlanyp başlanýar.
Annasoltan Kekilowa 1969-njy ýylyñ noýabrynda Sowet Soýuzynyñ

Kompartiýasynyñ MK-nyñ syýasy býurosyna we partiýanyñ 24-nji gurultaýyna 56 sahypalyk uly göwrümli bir hat ýollaýar. Onda ýurtda bolup geçýän pyssy-pyjurlyklar hakynda durup geçýär. Şonda Annasoltan şu aşakdaky ýaramaz zatlar hakynda ýazypdyr:

*» – Türkmenistanyñ Kommunistik partiýasynyñ Merkezi Komitetiniñ apparatynyñ esasy wekilleriniñ aýal-gyzlara bolan rehimsiz feodal gatnaşyklary hakynda, öz janlaryna kast edýän aýal-gyzlaryñ pajygaly ykbaly hakynda;*
*Respublikada kadrlaryñ nädogry ulanylşy hakda;*
*– Parahorlyk, tarapgöýlik, hökümet ýolbaşçylarynyñ öz bähbitleri üçin birleşigi hakda;*
*– Respublikada çykýan gazet-žurnallarynyñ syýasaty we çeperçilik derejesiniñ gowşakdygy hakda, tankyt üçin yzarlamalar hakda, ideologik frontda garyndaşparazlyk, milletçilik hakda;*
*– Tire-taýpa seredilip, adamlara baha kesilşi hakda, spekulýasiýanyñ ösmegi, jenaýatçylygyñ günsaýyn artýanlygy hakda.*
*Men şahyr hökmünde respublikanyñ graždany hökmünde bu hakda diñe liriki goşgulary ýazyp ýörmekligi ýeterlik hasaplamadym. Men ýañy uniwersiteti tamamladym. Bu faktlar barada sowet ýolbaşçylarynyñ özümden-de gowy bilýändiklerine düşünmeýärdim».*

1969-njy ýylyñ dekabrynda sowet soýuzynyñ Kommunistik partiýasynyñ MK-inden Türkmenistana barlag komissiýasy gelýär. Ýöne olary hatda agzalan faktlar däl-de haty ýazan kişi gyzyklandyryp, ony bir adamyñ ýa-da toparyñ ýazandygy hakda alada edip başlaýarlar. Şonda Annasoltan bilen bilelikde başga-da bir zenan şahyra günlenýär.
Barlag komissiýasy Aşgabat aeroportyndan ugran badyna Annasoltan bilen beýleki şahyry örän gazaply yzarlap başlaýarlar. Görkezilýän gysyşlara çydaman Annasoltan işi bilen hoşlaşmaly bolýar. Howpsuzlyk gullugy KGB-niñ işgärleri onuñ maşgalasyna agram salmalarynyñ yzy kesilmeýär. Annasoltanyñ ogluny okaýan sazçylyk mekdebinden çykarýarlar,

çapdan çykarjak bolan kitabyny gaýtarýarlar.[3]
Onuñ eserlerini respublikan we merkezi metbugatda çap etmekden goýýarlar, sözlerine döredilen aýdymlar gadagan edilýär. Annasoltanyñ şu aşakdaky setirleri bilen başlanýan goşgusyny zehinli aýdymçy Annaberdi Atdanow aýdym edip aýdypdy:

*Bahar güller açanda,*
*Saýrak guşlar uçanda,*
*Güneş nurun saçanda,*
*Janym gözledim seni.*

Mundan başga-da »Gözellik gyzlaryñ baky mirasy» diýen sözleri aýdym edilip aýdylýardy. Ol birnäçe gezek Moskwa, Sowet soýuzynyñ Kommunistik partiýasynyñ MK-ine baryp, Türkmenistanda bolup geçýän ýagdaýlar hakynda ýazmaça habar beripdir, ýöne her gezek haýbat atyjy jogaplar berlipdir we onuñ arzalary bolsa partiýanyñ arhiwine geçirilýär. »Eger-de boýun bolmasañ, seni ýurtdan kowup çykararys» diýip haýbat atylýar:

*Tapmasam men bu tokaýdan adalat,*
*Geregi ýok ol tokaýýñ baýlygy,*
*Şahyryñ üstünden häkimlik sürýär,*
*Maslyk soryan gargalaryñ şalygy.*

Gaýyp ýören depämde, gara gargalar,
Soraýan olardan:
»Nirede çeşme?»

Ahyrsoñy zenan şahyryñ garşysyna aýylganç çäre görlüp ol 29 ýaşyndaka zor bilen dälihana eltilýär we ömrüniñ пhyryna çнnli, ýпgny 12 ýyllap dälihanada tussaglykda saklanýar.[4]
Ogulgerek ejäniñ aýtmagyna görä 1971-nji ýylyñ 26-njy awgustynda çagyrylmadyk ýerinden «Tiz kömek» maşyny gelip gyzyny alyp gidýärler, bu Annasoltanyñ ilkinji gezek dälihana getirilşidi. Oña »şizofreniýeden» ejir çekýänligi hakynda diagnoz goýulýar.
Annasoltanyñ »keseliniñ taryhy» diýlen hem-de oña »gizlin»

diýlip möhür basylan dokumentde şeýle ýazylan:
□ Ol respublika ýolbaşçylyk edip bilmeýändikleri hakynda, Türkmenistanyñ aýal-gyzlaryna nädogry gatnaşyklary hakynda dürli ýerlere, şol sanda partiýanyñ 24-nji gurultaýyna arzalar ýazdy. Angliýada ýaşamaga rugsat sorady. Şonuñ üçin KGB-niñ gözegçiligine alyndy, psihiatr wraçlar konsultasiýasyna eltildi we olar Kekilowanyñ şizofreniýadan azap çekýändigini anykladylar. Ol zor bilen keselhana ýerleşdirildi.
Ogulgerek eje Seýidowa gyzyny dälihanadan halas etmek üçin elinde baryny edipdir. Ol Sowet soýuzynyñ Kommunistik Partiýasynyñ MK-niñ halkara meseleler boýunça bölüme ýolbaşçylyk edýän Nikolaýew diýen birine KGB-niñ şol wagtky başlygy Ýuriý Andropowa şikaýat hat bilen ýüzlenip öz gyzynyñ akyl-huşunyñ ýerindedigini, onuñ hiç wagt psihiatrlara işiniñ düşmändigini bildiripdi. Ejäniñ şikaýatnamasyndan soñra şeýle diýlipdir:
»Psihiatrik keselhanada wraçlar gyzymyzyñ sagdyndygyny aýtdylar, ýöne welin Kommunistik partiýanyñ merkezi komitete hatyny nerw dartgynlylygy ýagdaýynda ýazanlygy hakynda öz eli bilen bir dil haty ýazyp bermegini talap etdiler, ýogsa onuñ ebedilik dälihanada saklanjakdygyny bildirdiler. Şeýdip gorkuzdylar. Emma gyzym islendik dil hatyny bermekden boýun gaçyrdy»:

*Dönmerin öz pikirimden,*
*Atsalar-da ýanýan oda,*
*Ömür boýy hyzmat etjek,*
*Ynsan diýen belent ada.*

Söýemok men bu jahanda,
Ýaranjaklap gün görmäni,
Ýagşy görýän, beýle günden,
Öz ajalma jan bermäni.

72 ýaşly Ogulgerek eje öz nalyşynyñ dünýä jemgyýetçiligine-de baryp ýetmegi üçin şol arzalarynyñ kopiýalaryny daşary ýurtly korrespondentlere-de gowşurypdyr. Şeýlelik bilen bu habar-hadysa daşary ýurtlaryñ metbugatynda çap edildi. Protestler

bildirildi. Şahyryñ boşadylmagy talap edildi. Emma sowet hökümeti şol talaplara gulak asmady.
Annasoltan dälihanada bolan mahaly onuñ adyna ençe hatdyr sowgatlar gelýär, ýöne bu hat sowgatlar oña berilmeýär. Orsyýetli ýazyjy Nikolaý Wronowyñ aýtmagyna görä, ýazyjylar Annasoltana sowgat iberipdirler. Geýim-gejim we beýleki serişdeleri ýollapdyrlar. Emma ol sowgatlary hiç mahal Annasoltana gowşurmandyrlar.
Annasoltan öz syýasy garaýşy we dälihananyñ ýagdaýy barasynda bir hatda şeýle diýipdir.
»Men öz pikirimden dänmedim, meni biderek oýunlar ýadatdy. Eger meniñ öz pikirlerim üçin özüme ölüm jezasy garaşýan-da bolsa men ondan boýun gaçyrmazdym. Näme meniñ hereketlerim kanunyñ tersine bolsa, ýa-da howply bolsa, näme üçin meni atmaýarlar? Menden belli-külli dynaýsalar bolmaýarmyka? Şahyr hökmünde-de, SSSR-iñ graždany hökmünde-de maña hiç hili hukuk berilmeýär. Onda meniñ graždanlygymy saklajak bolmaklary näme üçinkä? Men muña asla düşünemok.
Şahyr hökmünde we öz ýurdumeñ graždany hökmünde meniñ durmuşym psihiki keselleriñ üstünden sosial nähaklylyk höküm sürýän, görlüp-eşidilmedik agyr şertlerde geçdi.
Keselliler üçin berilýän goşmaça iýmit wraçlaryñ hususy eýeçiligine gidip, olar, mallaryna berildi. Gyşyna bкrilýän kömürler baş wraç, onuñ garyndaşlary öz öýleri üçin ulandylar. Köp keselliler sowukdan, açlykdan horlukdan aradan çykdylar. Ýoldaşlarymyñ elhenç ýagdaýdaky ölümi, hapaçylyk, porsy ys, adamyñ çydam edip bilmejek agyr şertleri, kä halatlarda keselleriñ ençemesiniñ öz janyna kast etmeklerine sebäp bolýar. Men bu zatlara şaýat bolmak bilen »Adam we kanun» žurnalyna »Ölüler hukuklaryny gözleýär» atly makala ýazdym.
Hakykatdan-da adamlar ejir çekip, çydap bolmajak şertlerde gözgyny ölýärler. Haçanda jesetleri göterip äkidenlerinde olaryñ ýatan ýerlerinde gankoklara, sansyz gurçuklara gözüñ düşýär. Näsag Ýekaterina Çerkasowa we ýene birnäçe adam şeýle elhenç ölümi gördi. Bu betbagt, taşlanan adamlar gör, näçe bagyr awusyna, ten we ruhy şikeslere çydam etdiler. Olar hem hakykaty gözläp, öz hukuklaryny gorajak bolup, ýene muña ýetip

bilmän, aradan çykdylar.
Meniñ feletonymda görkezilen faktlar tassyk boldy. Gökdepe keselhanasynyñ baş wraçyny wezipesinden boşatdylar. Olar maña »Sen hiç wagt ýazmajagyñ hakynda aýt, onsoñ biz seni komissiýadan geçmäge hödürläris» diýip teklip edýärler. — O näme üçin men bu zatlar hakda ýazmaly dälmişim? Ýazmagymy islemeseler meni syýasy tussag hökmünde saklap ýörmän, goýberäýseler bolmaýarmy? Menem adam ahyryn. Dogrusy adam ykbalyna bolan biparhlyklar bilen edilýän manysyz gürrüñlerden ýadadym. Bir adamyny zor bilen ýyllar boýy dälihanada saklamak bolmaz-a. Men juda syrkaw, hatda muny bildirmejek bolsam-da halys ýaramok. Her gün irden halym teñ turýar:
Maña ýaşamaga ýene näçe wagt galdyka?

*Jebir gördüm bu diwardan añyrda,*
*Zulum gördüm bu diwardan añyrda,*
*Ölüm gördüm bu diwardan añyrda,*
*Hapa boldum men bir suwa düşeýin.*

Annasoltan Kekilowa 1974-nji ýylyñ ahyrynda Halkara ýazyjylar Guramasy »Pen Klubyñ» golland bölüminiñ hormatly agzalygyna kabul edilýär. Onuñ ady Halkara Günä Geçiş guramasy Amnistiýanyñ tussag aýallar baradaky 1975-nji ýylky sanawyna girizildi. Türkmenistanyñ KGB-siniñ ozalky bir işgäriniñ aýtmagyna görä akademik Sahrow Aşgabada gelip, Пnnasoltanyñ ýatan dälihanasyna baryp görmekçi bolupdyr, ýöne KGB oña rugsat bermän, ony Moskwa ugradypdyr.[6]
Annasoltan birnäçe gezek dälihanadan gaçmagy başarypdyr, ýöne ol ele salnyp öñki ýerine getirlipdir.
1983-nji ýylyñ 19-njy noýabrynda Annasoltanyñ garyndaşlary onuñ jesedini Aşgabadyñ etegindäki Bekrewe obasynyñ dälihanasyndan alyp gaýdýarlar. Şonda baş wraç Zoýa Nurmämmedowanyñ görkezmesi bilen »Annasoltan oglunyñ haýyşy boýunça öýde seretmek üçin keselhanadan çykaryldy» diýlip dilhaty alnandan soñra Annasoltanyñ jesedi hossarlaryna berilýär. Ol Köşiniñ gonamçylygynda jaýlanýar.
Türkmenistanyñ ýazyjylar birleşigi zenan şahyr halas edilmegi

ugrunda alada etmeg-ä beýle-de dursun, hatda onuñ adyny-da agzap bilmediler. Türkmen metbugaty ozalky kärdeşleri Annasoltanyñ ölümi hakda ýekeje söz  nekrolog ýazyp bilmediler, şahyrlardyr ýazyjylar ozalky galamdaşlarynyñ mazaryna ýekeje-de gül dessesini goýmaga milt edip bilmediler… 1983-nji ýylyñ mart aýynda SSSR ýazyjylar soýuzynyñ mejlisinde rus şahyry Lýudmila Şipahina Annasoltanyñ ölendigini habar berdi we Türkmen galamdaşlaryna ýüzlenip, Kekilowanyñ işini derñemäge, eger-de kanuny bozluşyga ýol berilen bolsa onuñ ýagşy adyny gaýtadan dikeltmeklige çagyrdy. Emma Türkmen Ýazyjylar birleşigi, ýazyjydyr-şahyrlar seslerini çykarman dymdylar, ýogsam şol wagt Türkmenistanyñ Kompartiýasynyñ 1-nji sekretary Muhammetnazar Gapurowy we sekretary Maýa Mollaýewany soraga çekmek gerekdi ahyryn. Diñe Türkmenistanyñ Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasy 1990-njy ýyl üçin Annasoltana laureat adyny berdi.[7]
Ýöne Annasoltan edil agasy Şaly Kekilow ýaly mertlerçe ýaşady we namart režime boýun egmän buýsanç bilen dünýäsini täzeledi, ol ýüreklerde ebedi ýaşaýar, sebäbi onuñ özi aýtmyşlaýyn:

*»Men ölsem-de, ölmez asla asyrlar,*
*Men ölsem-de, ölmez ýaşar nesiller,*
*Meni ýagşylykda ýatlasa biri,*
*Ömrümden razy, diri men, diri!*

Akmyrat GÜRGENLI,
taryh ylymlarynyñ kandidaty.

2008-nji ýylyñ noýabry.

■ **Çeşmeler:**

*[1] Bu bölümde M.Mämmetgurbanowyñ »Ömürzaýa ýyldyzym» (Aşgabat 1992) we onuñ tagallasy bilen Annasoltan barada surata düşürlen kinofilminden, şeýle-de Täçmyrat aganyñ ýazan makalasyndan peýdalanylan.*
*[2] Ony häzir Robert diýip atlandyrýarlar.*
*[3] Annasoltanyñ 1968-nji ýylda »Gara saçlarym» we 1971-nji*

*ýylda »Zenanlar» atly goşgular ýygyndylary çap edilipdir. 1992-nji ýylda bolsa »Türkmenistan» neşirýaty onuñ goşgularyny »Ömrüzaýa ýyldyzym» ady bilen neşir etdi.*
*[4] 1975-nji ýylyñ sentýabrynda Annasoltan bu babatda bir karar kabul edilýär. Şonda SSSR-iñ Jenaýat Kodeksiniñ 206-njy maddasynyñ 2-nji bölüminiñ 7-nji punkty esasynda jenaýat jogapkärçiligine çekildi diýlipdir.*
*[5][6] Ýazyjy Hudaýberdi Hallyýewiñ ýatlamasy.*
*[7] «Edebiýat we sungat» gazetiniñ 1989-njy ýylyñ 9-njy iýun sanynda Mämmmetgurban Mämmetgurbanowyñ Annasoltana bagyşlap »Añzakda açylan gül», şeýle-de »Ýaş kommunist» gazetiniñ 1991-nji ýylyñ 20-nji iýunyndaky sanynda Hydyr Amangeldiýew »Diri ýaşasym gelýär» diýen makalalary çap edildi. H.Amangeldiýew bihaýalyk bilen Annasoltan Kekilowanyñ hamana öz janyna kast edendigini, munuñ musulmançylykda ulκ günädigini ýazdy.* Edebi makalalar